# Mydam ýagşa tut rejäňi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Mydam ýagşa tut rejäňi MYDAM ÝAGŞA TUT REJÄŇI

Göwnüň ýetip öz-özüňe,
Parh goýman diýýän sözüňe,
Gomparyp iliň gözüne
Ilmek, iň soňky peslikdir.

Gidip şeýtanyň alyna,
Guwanma baýlyk-malyňa,
Garyp bendäniň halyna
Gülmek, iň soňky peslikdir.

Iliň ynamyn köýdürip,
Çagaňa haram iýdirip,
Myhman gelse «Ýok» diýdirip
Bilmek, iň soňky peslikdir.

Aslynda bolsa deregiň,
Diýme sözüň bideregin,
Dertli bendäniň ýüregin
Dilmek, iň soňky peslikdir.

Takyradyp ynsap jamyn,
Etmän özge kişiň gamyn,
Ýalan sözläp, gyz ynamyn
Çilmek, iň soňky peslikdir

Mydam ýagşa tut rejäňi,
Il biler seň derejäňi,
Goňşyny goňşa tijäni
Sülmek, iň soňky peslikdir.

Gybaty gybata çatyp,
Gezmek aşa awy gatyp,
Gül Watana şyltak atyp

Bilmek, iň soňky peslikdir.

Döwrangeldi AGALYÝEW. Goşgular